***Golaýda ýurdumyza hoş habar gelip gowuşdy: Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýakyndan ýardam bermeginde surata düşürilen «Kompozitor» atly çeper film Kinematografiýa sungatynyň Ýewraziýa akademiýasynyň «Göwher kebelek» atly açyk Ýewraziýa kino baýragyna «Iň gowy suratkeş» ugry boýunça mynasyp boldy.***

2022-nji ýylda russiýaly tanymal kinorežissýor Nikita Mihalkowyň başlangyjy bilen esaslandyrylan «Göwher kebelek» atly açyk Ýewraziýa kino baýragy halkara kinematografiýa ulgamynda täzelik boldy. Bu baýragyň şu ýyl ilkinji gezek gowşurylandygyny aýtmak gerek. Ýewraziýa giňişliginiň kino sungatyny ösdürmek maksady bilen döredilen baýrak 12 ugur boýunça gowşurylýar.




«Göwher kebelek» (Бриллиантовая бабочка) atly açyk Ýewraziýa kino baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy 27-nji noýabrda Russiýanyň paýtagtynda ýerleşýän Nikita Mihalkowyň «12» ussahanasynda geçirildi. Oňa 17 ýurtdan kinoçylar özleriniň 34 filmi bilen gatnaşdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Ilkinji ýeňijileriň arasynda Russiýa, Hytaý, Türkiýe, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Täjigistan, Serbiýa, Özbegistan we beýleki ýurtlardan bolan kinoçylar bar. «Iň gowy film» ugry boýunça baş baýrak hytaýly režissýor Sýuý Çžene «Akymyň garşysyna» atly filmi üçin gowşuryldy.

Ildeşimiz, goýujy-suratkeş Meýlis Hudaýberenow «Kompozitor» atly türkmen filminde ýerine ýetiren işi üçin «Iň gowy suratçy» ugry boýunça bu baýragyň eýesi boldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены